# Şamy hojanyñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Şamy hojanyñ

ŞAMY HOJANYŇ

Diwar ata münen Şerip hojanyň
Gudratyna kimler tagzym etmedi.
Mämmet hoja, Gurbanmyrat hojanyň
Çeken azaplary ýele gitmedi.

Gördüm ony Garrynohur ilinde,
Ady ähli ulus-iliň dilinde.
Atasynyň gaýraty bar bilinde,
Tarypyn eýlesem Şamy hojanyň.

Arkasynda bardyr Manaman dagy,
Göwünleň galkynar görüp çarbagy.
Ýol söküp gelseler isteýen çagy,
Gaşlary çytylmaz Şamy hojanyň.

Eger agyr güne düşen halatyň,
Barsaň galkyndyrar göwün ganatyň.
Şähdiň açyk, görke geler zynatyň,
Dilden düşmez ady Şamy hojanyň.

Parhy bolmaz oňa gündiz-gijäniň,
Agtygy ol Gurbanmyrat hojanyň.
Halasgäri ýaş-ýeleň, gojanyň,
Belentdir sarpasy Şamy hojanyň.

Aglap gelen, gülüp çykar gapyňdan,
Aklyna aýlanar birje gepiňden.
Beýik eken keramaty çakyňdan,
Tarypyn söýleseň Şamy hojanyň.

Çynaryň astynda ýatan gerçekler,

Başyňa iş düşse ýeten gerçekler.
Şol gerçekleň gül keşbini görjekler
Huzuryna barsyn Şamy hojanyň.

14.07.95.

## ▶ «JAHYLLAR ALMASA AKLYN GOJANYŇ»

Bela iner şol obanyň üstüne,
Almasa jahyllar aklyn gojanyň.
Dogan çykar doganynyň kasdyna,
Almasa jahyllar aklyn gojanyň.

Gezerler bihuda ýaman at bilen,
Seri bolmaz asyl ýakyn-ýat bilen,
Geçer ömürleri dat-bidat bilen,
Almasa jahyllar aklyn gojanyň.

Bir püçege müner namysy-ary,
Artar ata-enesiniň azary.
Ol öýleriň sowulandyr bazary,
Almasa jahyllar aklyn gojanyň.

Neşeden doýansoň nakys gülerler,
Elin serip, ýetenden pul dilärler.
Ne atany, ne enäni sylarlar,
Almasa jahyllar aklyn gojanyň.

## ▶ ŞAMY HOJA

Ýagty ýadygärligine

Göwünlere ylham bolduň,
Dertlilere melhem bolduň,
Dillermizde gül heň bolduň,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Ataň Gurbanmyrat hoja,
Şypa tapdy juwan-goja.
Bu dünýäden ötdüň gije,

Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Bagtyny gara bagladyň,
Eneň ýüregin dagladyň.
Eşidip gardaş agladym,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Neçün bozulmyşdyr bazar?
Baş egdi Manaman, Hasar.
Niçik dözdi saňa mazar?
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Gözlerden akan silleri
Gark etmiş türkmen illeri.
Öwüsdi hazan ýelleri,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Ile doldy hoja adyň,
Gardaş boldy ýakyn-ýadyň.
Agyr eken goýan oduň,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Her gün çekmiş seniň zaryň
Yzyňda kän dosty-ýaryň.
Unutmaz seni diýaryň,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Il içinde zor oguldyň,
Il-günüň üçin doguldyň.
Keramat bilen dogandyň,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Ornuň boş dur, tutabilmen,
Guburyňdan ötebilmen,
Ýada düşseň ýatabilmen,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Diliň süýji bal ýalydyň,
Çölde ýörsek, köl ýalydyň.

Azaşsak ak ýol ýalydyň,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

Hak nurundan paýy neriň,
Jennet bolar jaýy neriň.
Ýagty bolsun ýatan ýeriň,
Daň ýyldyzy Şamy hoja.

29-njy iýul, 1996.

Goşgular